# «Söýseň ýürekden söý…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Söýseň ýürekden söý…" «SÖÝSEŇ ÝÜREKDEN SÖÝ…»

Söýseň ýürekden söý, ýöne haýyşym,
Meni özgelerden gabanma, dünýäm!
Bolmaz ahyr, sähel zada käýişip,
Meni özgelerden gabanma, dünýäm!

Bu döwran sen barkaň beýik hem mähnet,
Ýöne iň mähnet zat töhmetdir, töhmet.
Geçendir-dä indi tanarça möhlet
Meni özgelerden gabanma, dünýäm!

Gaharly çeneme kirpigiň-niliň,
Nika ýüzügimdir seň inçe biliň,
Saňa bolan söýgim gözümden mälim –
Meni özgelerden gabanma, dünýäm!

* * *

Diýip biler,
Duýup biler şu zady
Bu ýazlara içgin-içgin bakanlar:
Söýülýän günlerniň gysgalygyna –
Aglap, ýer siňermişin baharlar.

Akmyrat MUHADOW. Goşgular